# Diktator!

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Diktator! DIKTATOR!

Diktator boljak bolsañ duşman döret. Gorkuz. Güýç ulanmakdan gaça durma. Garaşsyz sudy ýok et. Özüñe ýapja metbugat döret. Raýat-jemgyýetçilik guramalaryny saýrylaşdyr, ýap!

*Diktatorlyga barýan ýolda ädimler:*
*Duşman döret.*
*Gorkuz.*
*Çäre hökmünde özüñi görkez.*
*Diktatörlüğe giden yolda adımlar:*
*Güýç ulanmakdan gaça durma.*
*Garaşsyz sudy ýok et.*
*Dürli gadagançylyklary girizip, başgalaryñ durmuşyny kynlaşdyr.*
*Raýat-jemgyýetçilik we demokratik guramalary saýrylaşdyr, ýap.*
*Beýni ýuwma işiniñ depginini güýçlendir, ertirki nesilleri şekillendir.*
*Okuw kitaplaryna suratyñy goý.*
*Taryhy üýtget, täzeden ýaz we geçmişiñ beýik taryhyny täzeden döretjegiñe söz ber.*
*Şahsy kultuñy döret.*
*Hemme zat barada çykyş et.*
*Şygar döret.*
*Sözleriñi we suratlaryñy hemme ýerde goýdur.*
*Ýüzlerini nirä öwürseler, seni görsünler.*
*Täsirli nutuk bilen gatlaklary gipnozla.*
*Işler oñuna gitmese, uruş çykar. Uly terrorçylykly wakalary döret. «Wagt – agzybirlik we jebislik wagty» diýip, saña nägilelik bildirenleriñ elini-aýagyny bagla we gymyldamaz ýaly et.*
*«Watan söýgüsi – lidere bolan ytagatdan geçýär. Kim muña garşy çyksa, messepsizdir we dönükdir» pikirini ýaý.*

*Çar tarapy «Näme diýse, dogrudyr!» ýazgylary bilen doldur.*
*Hatda aç-açan jenaýat et, edeniñi edip ýaşa.*
*Goý, hemmeler seniñ kanunlardan ýokardadygyña düşünsin.*
*Italiýada Mussolini özüniñ iñ uly bäsdeşi bolan Sosialistik partiýanyñ başlygyny öldürtdi, jenaýaty amala aşyranlar saklananam bolsa, jogapkärçilige çekilmedi.*

Ýokardaky setirler «Viasat History» taryh teleýaýlymynda berilen «Mussolini. Diktatorlyga barýan ýolda dokuz ädim» dokumental filminden alyndy.
Soñky bellik: Mussolininiñ 20-nji ýyllarda Italiýada ýöreden diktatorlyk ýoly, 30-njy ýyllaryñ Germaniýasynda Gitleriñ ylham çeşmesi bolup hyzmat etdi.

24.09.2021 ý.

Hasan JEMAL.